***Türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragy öz döredijiligi bilen halkymyza ägirt uly miras galdyryp, türkmen medeniýetiniň ösüşine uly täsirini ýetiripdir. Onuň edebi mirasy türkmeniň ýokary ahlak ýörelgeleriniň we milli ruhunyň aýdyň belentligini görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, biziň kitaphanamyzda hem beýik şahyryň kitaplary görnükli orny eýeleýär, şeýle hem Magtymgulynyň döredijiligine bagyşlanan dürli çäreler geçirilýär.***

Kitaphanamyzda okyjylara Magtymguly we umumy türkmen medeniýeti barada giňişleýin maglumatlar hödürlenilýär. Şahyryň eserlerini wagyz etmek maksady bilen, okyjylar üçin ýörite maslahatlar we edebi çäreler guralýar. Bilşimiz ýaly, Gündogaryň beýik akyldar şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili — Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan medeni mirasyň merjenidir. Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna hem-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna girizilmegi, Köpetdagyň belentliklerinde Magtymguly Pyragynyň deňsiz-taýsyz heýkeliniň dikeldilmegi halkymyzyň milli buýsanjyny goşalandyrdy.

Şular bilen baglylykda, türkmen medeniýetini we milli edebiýatymyzy wagyz etmek Darganata etrap merkezi kitaphanasynyň işleriniň özenini düzüp, biziň kitaphanamyz ruhy we medeni mirasy öwrenmegiň esasy merkezine öwrülýär. Biz — kitaphanaçylar Magtymgulynyň döredijiligi barada giňişleýin maglumat almak, ony öwrenmek we ýaş nesillere ýetirmek boýunça möhüm işleri alyp barýarys.

**Nargiza HUDAÝBERGENOWA,**
**Darganata etrap merkezi kitaphanasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026